# Ýazgyt / roman

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýazgyt / roman ÝAZGYT

*Goçy Annasähedowyň «Ýazgyt» romanynda nähak günä, töhmet zerarly bir maşgalanyň başyna düşen külpetler, ynsan söýgüsi, döwrüň keşbi, ykbal, bagtly geljek baradaky oýlanmalar çeper hem gyzykly beýan edilýär.*

* * *

Şu eseriň dünýä inmegine sebäpkär bolan pespäl, kiçi göwünli, hoşgylaw, sadadan alçak ýegenim Annadurdy Baýramdurdy oglundan baky minnetdardyryn.
**Awtor.**

1.

Könekesir obasy töwerek-daşyny gatbar-gatbar daşly gaýalardyr başy göge ýetip duran gojaman daglara, alyslardan seleňläp görünýän başy belent çynarlara bürelen giň jülgäniň ortasynda ýerleşýärdi. Taýagatym ýerde dagdan gaýdýan bulaklar birigip derýa bolup şaglap akyp ýatyrdy. Şeýle sapaly jülgede ýerleşýän bu gözel oba Kömegiň ýaşlygynyň geçen ýeridi. Ol nirede bolsa-da, bu dogduk diýar, onuň gözüne ähli ýerden yssydy, mähirlidi.
Sadaplaryň tutuş maşgala bolup aşaky oba göçüp gitmegi ony birneme darykdyrypdy. Sebäbi Sadap bilen duşuşygyny kynlaşdyrdy. Öňler her niçigem bolsa wagtal-wagtal duşuşylardy, birek-birekden habar alynardy. Indi welin kyndy. Dogry, birki gezek “ol iberdi”, “bu iberdi” bahanasy bilen gelibem gidipdi. Ýöne, onuň bilen ýüregi aram tapýamy diýsene. Hemişekileri ýaly Sadap bilen ikiçäk oturyp, arkaýynlykda gürleşesi gelýärdi.
Ýat bir oba göçen Sadabyňam güni şondan gowy däldi. Setanda-seýranda gidäýmese, köne obasy oňa ýat bolup barýardy. Wah,

oňa galsa her günem geljek-le, kakasyndan çekinýärdi. Hatda bir gezek Kömegiň iberen haty tötänlikde kakasynyň eline-de düşüpdi. Haty okan Gylyç aga birbada gaharlanjak boldy, ýöne şol haty kimiň ýazandygyny, gyzyny ýeke tuduň ýanyna sagat dokuza çagyrýanyň kimdigini anyklamak bilesigelijiligi gaharyndan üstün çykypdy.
Gylyç aga köpügören adamdy, ol hiç kese duýdurman bellenilen wagtda ýeke tuduň ýanyna ugrady. Maksady näbelli ýigit bilen egri oturyp, dogry gürleşjekdi. Ol muny ýalňyz perzendi Sadabyň gelejegi üçin, bagtly bolmagy üçin şeýdýärdi.
Ýöne haýp, bi ýere onuň özünden başga gelen bolmady. Ol gyzynyň kimde bolsa halaşýanynyň bardygyny aňlaýardy, kimdigini welin bilip bilenokdy. “Pylan ýigidi halaýan diýäýmeli ahyry, bedasyl, meň göwnüm ýetse, ýok diýjekmi” diýip öz ýanyndan gyzyna käýinýärdi. Ynjalybam bilenokdy. Şol günüň ertesi köçeden haty getiren oglanjygy gözläp tapdy, ony gyssap, bu haty kimiň iberenligini sorady. Oglanjyk welin, eger-eger “bilemokdan” başga zat aýtmady. Ondan oňly zat .alyp bolmajagyny aňan Gylyç aga hilä ýüz urdy. Öýünden bir gysym kişmiş getirip berdi. Şeýdibem, hatyň eýesiniň kimligini anyklady.
Emma howsalasy köşeşmedi. Ep-esli oýlanyp gezdi. Her tarapdan ölçerdi-dökdi. “Kömegiň özi-hä hiç nenen oglan dälem welin, ol ýetim ahyry” diýip, içini gepletdi. Gylyç aga onyň ata-enesiniň ikisiniňem ir wagt ýogalandygyndan, Kömegiň daýysynyň elinde ulalandygyndan habarlydy.
Gylyç aga bu hakda gyzynyň-da, aýalynyň-da ýanynda kelam agyz dil ýarmady. Ýöne bu meseläni birjik-de ünsden düşürmedi, gyzynyň geljekki durmuşynyň gamyny etdi. Ine, şeýdibem işler ugrukdy gidiberdi. Aradan kän wagt geçip-geçmänkä, olaryň başy birigdi. Indi Kömege-de, Sadaba-da Gylyç aganyň özi gös-gulak bolýardy. Olaryň ikisini-de kolhozyň gara mallar fermasyna işe ýerleşdirdi. Kömek iki ýyllap buhgalteriýa ugrundan okap geldi. Gelibem ýene-de ozalky fermasyna işe girdi. Ol indi fermada ýörite bilimli ýeke-täk okuwly adam boldy.
Aý aýlanyp, ýyllar geçdi. Olaryň maşgalasynda oglanjyk, soňam bir gyzjagaz dünýä indi, şeýdibem olaryň münen durmuş atly

arabajygy ummanlara bakan assa-assadan tigirleniberdi.

x x x

Sadap işden aryp gelen adamsynyň öňünden ylgaşlap çykdy. – Kakasy, gyzymyz ýaranok, endamy gijäp, alyp barýar, gyzgynam bar ýaly.
– Ýaranok! – Kömek içerik kürsäp urdy. Düşekde ýatan gyzyny gujagyna aldy. – Hany göreýin bala, ejeň aldanokmy?
Ol gyzynyň köýnegini galdyryp, endamyna seretdi. Soňam aýalyna garap:
– Bi gyzamyk diýleni bolmaly. Men häzir Poladyňka baryp,“Sandyk bagşysyny” alyp gaýdaýyn. Gyzamygam saza boýun bolarmyşyn. Bolmasa, ol örüp bilmän çagany heläk eder. Gel, sen muň ýanynda otur.
Kömek giden ýerinde kän eglenmedi. Ol eli dutarly Polady yzyna salyp getirdi.
– Ine, keýwany, men-ä bagşynyň özüni getiräýendirin. Muň ”Sandyk bagşysyny” Täzegül ýeňňäň agtygy gyzamyk çykarýarmyşyn, şolar äkidipdir.
Polat bagşy Gözeljigiň başujunda aýbogdaşyny gurup oturdy-da, dutaryny eline aldy, daşky gabyny ine-gana aýryp, gulaklaryna tow berişdirdi. Onýança Sadap hem uly bir demkeşi demläp, gök çaý getirdi. Gözel bolsa gözleri ýumulgy, çalt-çaltdan dem alyp ýatyrdy. Gyzgynam bardy, ir ertirden bäri agzyna duzam alanokdy.
Polat bagşy yzyny üzmän heň etdi. Ol özüniň her bir täze heňine başlanda, gözleriniň gytagy bilen gyzjagazy synlaýardy. Gözeliň ýüzi gyp-gyzyl bolupdy. Diňe käte-kte sazyň owazyna meýmireýän ýaly gözlerini açyp-ýumýardy. Kömegiň haýyşy bilen Polat bagşy gije birçene barýança saz çaldy, mukam yzyna mukam ýaňlandy. Bir sazy iki, üç öwre gaýtalap çaldy. Gözeljik mazaly uka gidensoň saz çalmagyny bes etdi.
– Polat jan, ýüzüň-gözüň dert görmesin. Aklygyňy enşalla ertirjik ibärin.
– Azar edinmäň, Sadap goňşy!
– Oň azary bolmaz.

Kömek bagşyny ugradyp geldi. Sadap Gözeliň üstüne ýapylan gyzyl matany aýryp gördi. Ol birbada öz gözlerine-de ynanmady.
– Eý, hudaý jan, gyzymyzyň endamy petir bezän ýaly, asyl örgünden dolaýan oguşýa.
– Bi sazyň gudraty bilen şeýle bolýandyr, Sadap. – Kömek aýalynyň agzyndaky sözüni kakyp alan ýaly boldy.
– Gudratyna döneýin sazyň. Men daň atdygy Daýhan jandan bagşyň aklygyny ibärin.
– Ýeri onsoň, näme iberjek?
– Kömelek, limon, birneme gury erigimem bar.
– Olary iberseň iber, ýöne sen bir zady unutma, bagşa serpaý berilýändir. Düýnki özüme diyip getiren köýnegimem berip goýber. Gözel gyzym ynjalan bolsa köýnek tapylar.
Daýhan gyzamygy öten ýyl çykarypdy. Onuňkam ýeňil bolmandy. “Sandyk bagşy” aýtdyryp, gije-gündiz ýanyndan aýyrmandylar. Şo mahal “Wah, şumat Gözel janam çykarsa bolmaýamy?” diýipdiler.
Kömegiň özi-hä gyzamygy has kiçijikgä, kakasy bilen bir günde çykarypdy. Şonda ejesi pahyr oňa özüniň gyzyl matadan tikilen köýnegini geýdiripdi. Ol waka şu günki ýaly ýadynda. Muň ýamany garahassalykdy. Onuň degen adamy dertden saplanmaýardy. Bu kesel gör niçe bendäni dünýeden armanly edipdi.
x x x
Atalyk diýleni bisowat adamdy, ýöne ol kolhoz başlygynyň tiresinden bolansoň ferma başlyk edilip saýlanylypdy. Oba getirilen ilkinji polutruka maşynam şoňa berlipdi. Oňa maşyn sürmegi şäherli biri öwredip gidipdi. Onda-da onuň maşyn sürüşi gözgynydy, öwrümlerde saklap, öňünde nämäniň barlygyny-ýoklugyny baryp görüp gaýdardy. Yzyndan çagalara itdirip ýören gezegem kändi, asyl maşynyň işlemän howluda aýlap-günläp ýatan wagtlaram bolupdy. Şoň üçin ol köplenç atyna münýärdi. Bir gezek ol ýegeni ikisi maşyna bede basyp, ikinji skoros bilen dik ýokaryk çykyp barýar eken. Birdenem maşyny çekmän, öçjek-öçjek bolan. “Ýegen, düş çältrak, yzky tigrinde daş goý, bolmasa…” diýip, Atalyk sesiniň ýetdiginden gygyran. Ýegenem näme, daş getirmek üçin ýaňy bir maşyndan düşmäge hyýallanandyr-da. Atalyk “Oturyber, ýegen, daş geregem bolmady, asyl bi maşynyň ýene bir skorosy bar eken-ä!” –

diýip, birinji skorosa geçiripdir welin, maşyn janawara jan girip, dik ýokaryk dyrmaşyp gidiberipdir diýýä.
Bir günem Gadyr çopanyň aýaly Solmazy maşynyna mündürip, düýbünden başga bir tarapa tutdurdy gidiberdi. Asyl ol Solmazyň “Saklaň maşyny!”, “Saklaň, men düşýän!” diýen gykbakyna-da seretmedi. “Häzir, häzir… men maşyny saklap bilemoga. Azajyk sabyr et, benzini gutarsa, özem durar” diýip, ony çola bir ýerik getirip saklady. Şu ýerde Atalyk Solmaza öz ýüregindäkisini aýtdy. Solmaz ör-gökden geldi. Maşyndan düşüp gidiberjek boldy. Ýöne, nirä, bäri-bäride oba barmy näme? Onsoňam pyýadalap ugrasa haçana barjak? Bardam-da diýeli, ilgün oňa näme diýjek?
Atalyk gazabyna tutdy.
– Men seni şu ýerde galdyryp giderin. Ite-guşa şam borsuň.
– Baý, gorkuzdyň-ow.
– Ezizim…
– Güm bol, men seň eziziziň däl.
– Birje gezek.
– Jähenneme git, yşarat, meýdiňi ýakaryn.
– Gel gujagyma, çekinme ahyryn.
– Ýok, Atalyk, men seň ýüwutjak lukmaň däldirin. Sen ony başga gazandan gözle.
– Baý, akja gelin-ä gep tapd-ow. Men heleý babatda juda seýrek ýalňyşýandyryn, ilkinji göremde, ýüregim jigläp gidipdi. Biziň ýüregimiz bir-ä, ikisem deň urýar.
– Ýörüň gaýdalyň, garaňkam düşýä, abraýyňyz barka gaýdalyň, ärim bilse öldir seni.
– “Serçeden gorkan dary ekmez”, onça-onçasyny görübermeli borus.
Olaryň arasyndaky garpyşyk uzaga çekdi. Solmazyň göwresini äpet penjeler ylla gysyp-gowrup barýardy. Ýöne Solmazam gara güýje galanda, per bererli däl eken. Uly göwräni öz üstünden erjellik bilen aýryp zyňmagy başardy. Bu ýagdaý bir däl, belki üç-dört öwre gaýtalanandyr. Olar maşyndan düşüp, daşyna çykansoňlaram esli wagtlap çekeleşdiler. Soňky gezeg-ä itip, Atalygy hon ýaly ýerik togalabam goýberdi. Agyr göwre baryp ýere gütüläp düşenson-a uly sesem etdi. Solmaz üst-başyny

tertibe salyp ýetişmänkä, Atalyk ýene-de onuň üstüne abanyp geldi. Ol her gezegem Solmazy ýere ýazýardy-da, hamyr ýaly myçgylaýardy. Tüýlek döşleri bilen oňa oýkanýardy.

Çekeleşip uzak oturdylar. Indi olaryň ikisinde-de ne güýç galdy, ne kuwwat. Solmazyň-a köýnegem derden ýaňa öl-myžžyk, sykybermeli boldy.

Atalyk gara güýjüne baýrynýardy.

– Wah, ezizizm, men seniň ýüregiňdäkini bilipjik durun. Üç aýdan bir baş aýlaýan çopandan saňa ne peýda. Seniň maňa gerekleýşiň ýaly saňa-da men gerek. Ýöne, sen utanma, sen maňa hä diýäý, men seni zada zar etmen. – Ol bu gezek gelni iki epläp, aýaklarynyň arasyna mäkäm gysdy. Şol dara-direlikde-de oňa esli zady wada berdi. Solmazda welin başga alaç galmady.

– Hany onda barmagyňdaky göwher gaşly ýüzügiňi çykar, äber bärik.

– Wah, Solmaz jan, geregiň ýüzük bolsun, al, me, ýöne meni mundan artyk köseme. Al, dakyn, nesip etsin. Gadyra-da tapdym diýäýersiň. Mende tylla-göwherli gor küýze-de bar. Ony serhetden aşanlarymyz gömüp gidipdirler. Haçanam bolsa bir zaman yzymyza dolanarys öýdendirler. Isleseň şonam saňa bereýin.

– Onda sen bilen şeýle gürleşeli. Men seň bilen deň bolmaýyn.

– Solmaz dikelip oturdy. –Bir gezek, diňe bir gezek. Soň gaýdyp maňa azaram berme, adymam tutma.

– Men razy. – Atalygyň keýpi göçdi. – Diliňe döneýin, ilkibaşda şeý diýseň bolmadymy?

Solmaz gyrarak çekildi-de, otluk ýerde süýndi. Soňky ýapynjasyna deňiç sypyryp taşlan Atalygam onuň gapdalyna çökdi…

Haýp, ýarym sagatlap güzap baryny görse-de, Atalyk göwnündäkisine ýetip bilmedi. Uludan ah çekip, öz-özüne käýindi, sögündi. Bolmajagyny bilibem:

– Bolýa, turaý, geýin gaýdaly. Nämüçindir… aý, ýene bir gezek… Esasy zat, men senden razy boldum. Men seni oba golaý ýerde düşürerin. Soran bolsa, mal gözläp gelýän diýäýersiň –diýdi.

– Ol hiç-le… – Solmaz barmagyndaky ýüzügiň gaşyny sypady.

Olar basym ýola düşdüler.

x x x

Sadap Solmazlaryňka baranda Solmaz howlyň bir çetinde towuklara iým berip duran eken. Olar gadyrly salamlaşdylar.
— Geleweri, goňşy jan, neneň gurgunçylykmydyr?
— Gurgun-la gyz. Özüňizem sagmy? Neneň towuklaň köpelýämi?
— Towukdyr-da, köpelýärem, azalýaram. O gün gije-hä ketegiň agzy açyk galypdyr. Dördüs-ä bir ýok, ikisem öli ýatyr.
— Şagaldan dynjak dällä biz.
— Gadyr uzakly gije tüpeňine söýenip ýatdy. Agzy tagam alan şagal bu günem geler diýip. Haýp, gelmedi.
— Şagalam bolsa, tilkem bolsa mekirdir olar. Birki günlük huruşlyk edinensoň köwlenýän däldir-dä!
— Gyran degmiş gün-ä berenok. Neneň siziňkiler bir köpelýämi?
— Arada bir towugymyz hakyt horaz bolup gygyraýdy, dessine ýoguna ýandyk.
— Nämüçin?
— Towuk horaz bolup gygyrsa, ol eýesiniň ölümini dilärmişin.
— Şeýlemi gyz, men bu gürrüňi eşitmändim.
Sadap:
— Solmaz, közjagaz diýip gelipdim, odumyz sönäýen bolsa näme? — diýip, töwerek-daşyna nazar aýlady.
— Wiý, Sadaby, ody sönen diňe sen däl, biziňkem söndi.Ýaňydan bäri haýsy goňşa gitsemkäm diýip, ýaýdanyp durdum. Birhili utanýanam, “Iňňe dilegi-de bir dileg, iner dilegi-de” diýleni boldy gyz.
— Onuň aýby ýok, häzir Daýhan jany Ogulgerek ejeleriňkä ibererin. Onsoň şol bize-de bolar, size-de. — Sadap gürrüňini başga ýana sowdy. — Wah, otluçöp bolsa beýdip horlanybam ýörmeli däl-le. Hany ol artybam tapdyrýamy näme? Bir-ä obadaky postuň neçelniklerinde barmyşyn, birem şäher ýerinde bolýamyşyn. Wah, wah-eý, indi telim aýdyr ody söndürmäm bolmazdy. Ýöne bu gezek gapyl galdym-da. “Özüňde ýok, älemde ýok” diýleni boldy.
— Ogulgerek ejede-hä bardyr-la. Ýöne o görgüliňem ýanyna barsaň, iki sözüniň biri “Janyňy alla saklasyn!”, “Hudaý jan saňa uzak ýaş bersin!” bolupdyr. Ed-dil şol bir sözüni

gaýtalap oturan totyguşuň bar-da!
— Aý, olam bir endikdir-dä! Ýöne özi-hä gyzyl ýaly adam.
— Hawwa-la gyz, adamçylygyna söz ýok.
— Solmaz, çakmak diýilýän zadam ýeser oýlanylyp tapylypdyr, şeýle gerek?
— Adamyň başarmajak zady bolmaz.
— Sizde-hä hemişe-de barmykan diýýädim.
— Wah, näsin aýdýaň, çakmagymyz bardy, birem däl, ikidi. Birin-ä Gadyr ýanynda göterýä, çilim otlanmak üçin. Öýdäkimizem işlänok, kütelipdir, daşyny çalyşmaly diýýädi.
Sadap lapykeç halda yzyna owrüldi. Haçanda derwezä golaý gelende, ojakda gyzaryp oturan çog ýaly köze gözi düşdi. Birneme aljyrajak ýaly etse-de, syr bildirmän çykyp gitdi. Şol barşyna-da Daýhanyň eline okara tutduryp, ony Ogulgerek ejeleriňkä iberdi.
— Geleweri, oglum — diýip, Ogulgerek eje mydamkylary ýaly bu gezegem ony güler ýüz bilen garşylady. — Janyňy alla saklasyn. Oduňyz sönäýdimi? Zyýany ýok. “Kyýamat güni goňşudan” diýlendir. Gel al, geregiň köz bolsun. Ýöne sen közli okarany göterip äkidip bilmersiň-ä guzym. Hudaý jan saňa uzak ýaş bersin, häzir men saňa atyşgir bereýin.
Ogulgerek eje yerinden turdy-da, ojak başyna ýöneldi. Atyşgir bilen okara köz guýdy. Köz diýseň közdi . Kerkawyň doly ýanyp ýetişmedik, çala üfläre mähetdel, gyp-gyzyl alowlap duran közüdi.
— Ynha, sen şu atyşgir bilen okaraňy gysdyrypjyk gidiber. Ýadan mahalyň ýerde goýýup, çalaja üfläpjik goýber. Janyňy alla saklasyn! Soň atyşgiri getireweri, bala.
— Bolýa. Ogulgerek eje, men ony häzirjek getirip giderin. Siz diýseň oňat adam. Közüni gysganýan adamlaram bar.
Ogulgerek eje düşbüje Daýhanyň yzyndan buýsançly halda ýylgyryp galdy.

x x x

Ogulgerek eje howla girende, ys alyp töwerege ýalt-ýult etdi. Ojak başynda oturan Daýhandan özge hiç kese gözi düşmedi.

Gazanda bolsa nämedir bir zat lakyr-lakyr gaýnaýardy.
– Oglum. – Ol birneme bokurdagyny arçan ýaly etdi, hasasyna söýenibräk gepledi.
– Janyňy alla saklasyn! Seň gazanda bişirýänin näme, ol garalyp gidip barýar-a.
– Ogulgerek eje, geleweri. Tut gaýnadýan, tuduňam garasy.
– Mürepbemi, şeker tapdyňmy oňa goşara, şekersiz-ä iýibem bolmaz. Janyňy alla saklasyn!
– Mürepbe däl, men ony şekersiz gaýnadýan. Syýa taýynlaýan.
– Hä, bolýa, bolýa, gaýraky Myrat mugallymam taýynladym diýýädi.
– Wah, menem düýn gaýnatjakdym. Köz bolmady. Sizden köz getiremsoň başladym menem. Okuwçylara paýlaýsam diýýän.
– Hudaý jan sana uzak ýaş bersin! Sogap iş edýäň. Iliň hatly-sowatly bolsa, ýurduň hor bolmaz.
– Hany, geçiň keçäň üstüne, ejemem häzir geler.
– Nirä gitdi ol?
– Ýataga. Dowar gelipdir diýýä. Goýun sagmaga gitdi.
– Dowar gelipdir-ä diýip menem eşitdim. Janyňy alla saklasyn! Ňeneň birneme köpelipdirler diýýämi?
– Bire bir gelipdir öz-ä, ýöne çopanymyzyňky her goýna iki-üç guzy ýetýämişin.
– Haý, naýynsaplar. – Ogulgerek eje Daýhanyň uly adam yaly gürleşip duranyna begendi. – Çopanlaň edäýýän oýnudyr ol. Bire bir getiren bolsa, kemi ýok. Ýogsa, sana uzak ýaş bersin hudaýym, “guzy taşlady”, “gysyr galdy” bahanasy bilen işiňi göräýýändirler.
– Ogulgerek eje, oturmaly ekeniňiz-dä!
Ogulgerek eje Daýhanyň soňky sözüni eşitmedi-de, sesini-üýnüni çykarman, hasasyny tyrkyldadyp, öýüne bakan ugrady.

2.

Asmanyň ýüzi çüýşe ýäly durudy. Ýöne howanyň sowugy bardy. Arykdaky suwuň gyrak-bujaklary gaýmaklapdy.
Ferma müdiriniň sagymçy gelin-gyzlara lak atyp, çopan-çoluga käýinip, atynyň üstündekä gamçysyny brizent ädigininiň gonjuna

tarp-tarp urup ýörmesini indi hiç kes geň görüp duranokdy. Ol ferma gelende çopan eýýäm sygyrlary örä süren eken. Işgärleriň hemmesi oba siňipdi. Fermadaky jaýlar edil häzir mähellesiz bazary ýadyňa salýardy. Käte-käte sürä ýaraman galan sygryň molamasy diýäýmeseň, töwerek çolady.
Ýekeje adam – Sadap bardy, onsoňam ho-ol taýagatym ýerdäki çeşmäň boýunda nämedir bir zatlara güýmeň-süýmeň edip ýören alty-ýedi ýaşlaryndaky gyzy Gözel bardy. Sadap hem çeşmäň boýuna gitmäge hyýallanypdy, ýuwmaly egin-eşiklerini ýelýyrtan ýalyga danyşdyryp durka atyny agaja baglan Atalyk içerik girdi. Ol Sadabyň ýekeligini aňan ýaly, ýüregi galkyjaklaberdi, asyl onuň gökdäki dilegi ýerde gowşupdy. Ol Sadap bilen gürleşmegiň ugruny tapman heläk bolýardy. Bu niýeti paşmansoň her gezek ony görende, hyrçyny dişläp, agzyny suwjardyp galardy.
Häzirem Sadabyň owadan gözüne, ak meňiz ýüzüne, dolmuş göwresine gözi düşende, erkeklik hyjuwy ony öz gününe goýmady. Şonda-da birbada syr bermedi.
– Sadap, gurgunjamyň? – diýdi-de, bu gezegem hemişekisi ýaly gamçysyny ädiginiň gonjuna adaja kakyp goýberdi.
– Salamälik, Atalyk aga! Şükür oňat, özüňizem, Şemşat ejemizem sagmy?
Atalyk agyr başyny calaja yralan ýaly etse-de, soň geplemedi. Daş-töweregini assyrynlyk bilen synlap çykdy. Sadap welin uzak saklanyp bilmedi.
– Atalyk aga, irläpsiňiz-le, keýpinemi, bu gün hemmeleň dynç alýan gün-ä.
– Ony men bilýän. Hany Kömek görnenok-la?
– Kömek ýany bilen Daýhan jany alyp oba gitdi. Mellegimizde ir bişen erikler bardy. Ýygyp alaýmasa, indiki dyňç gününe deňiç guş-gumra şam bolup galjak.
– Ol gidip oňarypdyr. Oba giden bolsa heniz-heniz gara bermese gerek.
– Agşamlyk dolanar, nä Kömeklik işiňiz barmydy?
– Ýok-la, ýöne soraýdym. – Atalyk içini gepletdi: “Agşamlyk dolanar”diýdimi?! Diýmek, ärinden-ä arkaýyn. Ýöne nädip, nädip men oňa ýüregimi açaýyn? Wah, meňki gelin-gyzy göwnedip bir iş

etmeli bolsa, duranja ýerim-dä! Aýtjak sözümem agzymdan al kakan ýaly. Eý, Atalyk, Atalyk, bir gelniň göwnüni awlap bilmeseň… Ýeri, baýlygyň iliňkiden kemmi ýa gün-güzeranyň pesmi, kim sençe ýaşaýar şul obada?”

– Men kir ýuwaýsam diýýän. Şamlyk sagyma çenli başga bir üýşüp ýatan işem ýok.

Atalyk birbada ukudan oýanan ýaly tisginip gitdi.

– Oňarýaň, oňarýaň. Arassaçylyk saglygyň sakasydyr – diýdi. Ol şu ýerde ýene bir gezek gelniň dolmyş göwresini, boýuny-inini synlady, onuň öňe omzap duran göwsüne hyrydar seretdi. “Walla, bu bir Aýyň bölegi-dä! Jennetiň waspy arşa ýetirilýän öwgüli guşam şunça ýokdur. Göroglyň Agaýunusam bolubilse şunçadyr. Duranja bir perizadyň bar-da! Onsoňam “Gözellik ondur, ondan dokuzy dondur” diýýändirler. Ony ýüpek parçalaň, lagly-göwherleň içindekä bir göz öňüne getirip gör. Şonda ol Kömek ýalaga nädip sataşyp ýörkä diýersiň. Muň bilen arany sazlap bilsem,walla, hor etmen…”

– Sadap, bizden näme kömek gerek? Belki hojalyga gerek-derek zadyňyz bardyr.

– Atalyk aga, ony siz sagymçylardan soraň. Bir özüme-hä hiç sadam gerek däl. Ynha, agşamlyk olaryň bary ýygnanar. Bolmasa, olardan özüm sorap goräýerin.

– Sadap jan, jan gelin, bir mint aýak çek. Meni bir diňle.

“Jan” sözüne geňirgenen Sadap, iki gaşyny bir ýerik getirip, serim-sal boldy.

– Size näme boldy, Atalyk aga? Ne beýle diliňiz süýjäpdir-ä. Öň beýle däldiňiz, bize gaty gazaply daraýadyňyz. Birden pýan ýalak bolaýdyňyz-la!? Öljek hassaň dili süýjär diýlenine döndüňiz-le.

– Men pýanmy, men indi öljek hassamy? Ýok, Sadap, men bütinleý sag, seni görsem özümi ýitiräýýän. Seň jadyň meni ýüpsüz daňyp goýýar. Seň mähriňe zar bolup, özümi oda-köze urup ýörün.

– Bu nä gürrüň boldy, Atalyk aga? Siz saçyňyzyň agyndan utanyň-a. Körpe jigiňiz bilen ýaşytdaş adama beý diýmek aýyp bor-a.

– Indi men saňa ýüregimi açaýyn. Dogrusy, indi telim ýyldyr, asyl sen şu ýerik işe geleniň bäri men seniň yşkyňda perwana.

Saňa aşyk bolup ýörün. Ynansaň ynan, ynanmasaň halanyňy et. Sen häzir ýeke ekeniň, gowy bolaýdy. Meniň içim ýanyp barýar. Maňa içimi dökmäge maý ber. Sen meni diňle, Sadap, men seni… sende men özüme bir ýakynlyk duýýän. Dur, dur gitme. Meni diňle ahyry, men heniz hiç zat aýdyp ýetişemog-a.
– Atalyk aga, siz nämeleri samrap dursuňyz!? Bu bolup durşuňyzy biri görse näme pikir eder?
– Kim näme pikir etse şony etsin, adamzatdan gorkym-ürkim ýok. Sen meň sözümi bölme. Maňa gulak goý. Ähli maly-mülküm seňki bolsun, diňe sen…
– Siz ojagaz suwjuk sözleňňizi baryňdany Meretgül, Solmaz, Gülendam ýaly ýeňil kelleli heleýlere aýdyň.
– Olar gümüne gitsin-le.
– Näme diýseňizlän, Atalyk aga, baryň gaýdyň, men seniň göwnüň islän aýallaryndan däldirin. Hudaýa şükür, adamym bar, oglum, gyzym bar. Siziň bu bolşuňyzy Kömek göräýse, onuň soňunyň näme bilen gutarjagyny bir alla bilýä.
– Ondan-a birjigem gorkma. Biz oňa duýdurmarys. Diňe sen göwneseň bolany.
– Şeý diýiň-ä . Tapdyňyz bu ýerde oýnatgyny. Siziň öýli-işikli uýaňyza kimdir biri şeý diýse, size ýararmy?
– Sen, gelin, gürrüňi başga ýana sowma. – Atalyk içini gepletdi. “Senem şol gelinlerden artyk dälsiň. Solmazam göwnärli däldi. “Gyzyl görse, Hydyr azar” diýilmänmi?” – Meň çynym, diliň geplesin, islän zadyňy alyp bereýin. Taşla Kömegi, sen onda näme gün gördüň? Garnyň unaşdyr bulamaga beri doýýamy? Ýok, aýrylyşjak däl diýsen, gözel göwnüň, biz hepdede bir gezek duşuşsak…
Sadap, men sensiz mundan beýläkki ýaşaýşymy göz öňüne-de getirip bilemok. Sen maňa ynan, saňa gözüm düşdügi, neneň gazaplam bolsam, neneň gaharlam bolsam, pagyş-para ereýän oturyberýän. Isleseň aýagyňa ýykylaýyn. Dabanyňdan ogşaýyn. Ýöne sen meni kowma, bileje döwran süreli. Ony biz adamyňa-da duýdurmarys. Belki oňa-da…
– Kişiň zadyna mätäç däl. Indi besdir, gidiň, gözüme görünmäň! Ýogsam… – Ol elini çäýnege ýetirdi.
– Bolýa, bolýa, git diýseň gideýin. Ýöne bi gürrüňi soň bir

gün dowam etdireris, bolýamy?
– Hiç haçan!
– Onda sen maňa bir zada – şu günki bolan gürrüň barada hiç kesiň, hatda adamyň ýanynda-da dil ýarmajagyňa söz ber.
– Ol bildigi damagyňy tersine çalar.
– Saňa-da “ak jüýjäm” diýmez.
– Ärime biwepalyk edenimden awy içip ölenim müň paý gowudyr. Eger-de bu ýagdaý ýene-de bir gezek gaýtalanaýsa…
– Ýok, ýok gaýtalanmaz, ant içýän. Gaýdyp gyýa göz bilen baksam, ýüzüme tüýküräý. Sen adamyňa wepaly ekeniň. Men ony synamak üçin şeýtdim. Sen men garryny bagyşla. – Atalyk gonjuna gor guýlan ýaly, içerden atylyp çykdy.
Sadap çäýnegi yerinde goýdy-da, duran ýerine çökdi. Soňam damagy dykyn alyp, ýüregi gowzady. Özi aglap, özi diňdi…
Atalygyň tüýs gözi gyzarypdy. Ol ýaşynyň soňunda bar ünsüni gelin-gyzlara berdi. Onsoň gelin-gyzlaram bu heleýbaz adamdan daş duranlaryny kem görmediler. Sähelçe ýerde abraýdan gaçyrjak bolup ýören bu adam iliň gözüne ýigrenji bolup göründi. Soňky günler-ä onuň jyny Sadaba düşdi. Ol Sadap hakynda otursa-tursa pikir etdi, onuň bilen pynhan gatnaşyk etmegiň kül-külüne düşdi. Ol häzirem çaý başynda Sadabyň pikirini edýärdi. Ony ele salmaga kömek etjek adamy gözleýärdi. Arman, Kömek bu işe päsgel berjekdi. “Bolanda näme – diýip, Atalyk içini gepletdi. – ol päsgelçiligi ýok etse bolar. Biwagt ölýän adam gytmy? Ýöne nädip? Belki…” Ol gelen netijesine ýyrş-ýyrş bilen käsedäki çaýyndan şyrp-şyrp edip içdi. Soňam bu pikirini ölçerdi-dökdi. Ahyram Solmazy görmeli diýen netijä geldi.

x x x

Tebip mama Solmazyň “öýümizi syçan eýeläpdir” diýen çyna berimsiz ýalan zeýrenmesine ýürekden ynandy oturyberdi.
– Olar ýaly bolsa taýýarja dermanym bar, şondan beräýerin. Bir çemçejigi bütin öýüňe besdir.
– Şeýtsene, mama jan, ýöne ony nädip ulanmagam öwredeweri.
– Häzir guýupjyk bereýin, görseň ap-akja hem goýujadyr.

Syçanlar ony gaýmakdyr öýdüp ýalaýar. – Ol agzy döwük, gädilip duran käsä sähelçe suwuklyk guýdy.
– Bujagaz az bolmazmy?
– Diýdim-ä bir öýe ýeter diýip, munuň ýekeje damjasam onlarça syçany tükgerder. Awy-säherden özüňiz beri goranaweriň, ysy-kokam ýokdur.
– Wah, maňa-da şoň yssyzy gerek, öldürse bor, bolmasa bizi halys günümize goýanok.
– Kim ol sizi öz günüňize goýmaýan?
– Wiý, mama jan, syçan-la, başga kim bolsun!
– Syçanyň hininiň agzynyň töweregine eltibilseň bolany. Ondan soň cyçan gaýdyp size myhmançylyga-da köwlenmez. Asyl gozläbem tapmarsyň.
– Wah, gabyra gitsin-le, gözümiz görmesin. Hakyt egin-eşige-de degip başlapryr-da, açgöz diýsänim. Bolýa, mama jan, hany bir synanyşyp göreýin. Şondan dynsak, saňa ýörite baýrajygam getirin.
– O nämäň baýragy, düşünmedimle?
– Aklygyň, dermanyň haky.
–Ýok-la gyzym, men hiç kesdenem syçan dermany üçin hak alýan adam däldirin. Syçany ýok etsem bolany, onsoňam haýsy öýde cyçan köpeliberse, şol ýerde eli egrilik edýänem, öýüň zadyna hyýanat edýänem bolýandyr. Bi öňden gelýän gürrüň.
– Toba, to-beý, hudaýa şükür, elim egri däldir, öz zadyma-ha beýle-de dursun, kişiň zadyna-da hyýanat etmäm bolmaz.
Tebibiň Solmaz gidensonam oturyp ugry bolmady. Asyl Solmazyn hiç bir gepi maňzyna batmady.
Sol günüň ertesi Gadyr çopan janly soýup, nämedir bir zadyň hatyrasyna sadaka berdi. Molla çagyryp, töwir-doga okatdy. Sadaka ferma müdiri bilen Komegem tirkeşip geldi. Diňe agşamaralar Gadyr çopanyň öýi çolaryp galdy. Onuň özi-hä oba arasyna dowar haky ýygnamaga gidipdi. Içerde Solmazyn bir özi galypdy.
Atalyk bu ýere ýaňadan geldi. Öýe golaýlaberende, asgyrynyp-üsgürinen boldy.
– Atalyk aga, geleweri.
– Hä, Solmaz, neneň märekäň sowuşdymy? Sadakaňyz kabul bolsun!

– Taňry ýalkasyn. – Solmaz ýüz-gözüni güldürip gepledi.
– Gadyr görnenokla?
– O my? Ol-a oba arasyna siňendir.
– Gaty gowy.
– Men seň aýdyşyň ýaly edendirin. Indi näme sylag-serpayyň bolsa taýynlaber. Sadap periň gitjek ýeri bolmaz.
– Sylag-serpaýyň işi haýyr welin, ýone sen maňa aýt, sen ony nädip zäherläp bildiň? Ol meň bilen bir tabakdan nan iýd-ä!
– Häzir men hemmejesini aýdaýyn. Zäheri-hä tebip mamadan syçan üçin sorap aldym. Onsoň men ony siziň tabagyňyza, diňe Kömegiň öňüne sepdim, bilinmez ýaly edip.
– Birden men hem zäherlenen bolsam näbilýäň!?
– Ýok, sen ondan arkaýyn bolaý. Birinjiden-ä dograma gurakdy, ikinjidenem men tabagyň gyrasyna bellik etdim, şol bellikli tarapynam Kömegiň öňünde goýdum. Meniň gözlerim kör däl-ä. Ho-ol penjiräň tutusynyň anyrsyndan tä iýip bolýança seredip oturdym. A sen bolsaň muny duýan ekeniň, “Men öňdenem naharly” diýen bolup, üç-dört çemçeden artyk iýen zadyň bolmady.
– Onyň-a dogry, tabagyň başyndan soňuna çenli-hä aýrylmady zaňňar. Özem zol-zol “baý bi naharyň süýjüdigini” diýýä.
– Bi süýji nahar oň üçin soňky hörek bolaýmazmykan? Sabyr et, ikindin çagy onuň tüneginden agy sesi çykaýsa gerek.
– Diliňe bek bol, akjam. – Ol hemişe garaýagyz Solmaza “akjam” diýip ýüzlenýärdi. Bu gezegem Solmaz Atalygyň “akjam” sözüne monça boldy.
Atalyk Solmazdan minnetdar bolup, öýüne gaýtdy.

x x x

Kömek öýüne gelip aýalyna bir demkeş ajy gök çaý demläp bermegini sorady. Çaý içibem ugry bolmady. Endamynda nämedir bir zat ýörän ýaly, asyl ynjalmady. “Şu gün-ä men ýadow” diýdi-de, hemişekilerinden ir düşegine geçdi, ýorgana bürenibem uklajak boldy. Ýüregi bulanyp, gaýtaryp geldi.
Ertesi ir bilen turup işe gaýtdy, iş bilenem weji bolman, öýüne dolanyp geldi. Endamynyň gaty gijeýändigini aýalyna aýtdy. Şunça çydajak boldy, bolmady. Ýüregine agram saldy.

Cyssanjyna aýalyny tebibiňkä iberdi.
Tebip mama Kömegiň ýüzüne seredenden onuň halynyň teňdigini aňdy.
— Oglum, hany ýadyňa sal, nämeler iýdiň, nämeler içdiň?
— Şu gün-ä agzyma suwam alamok. Öten agşamky çaý içip ýatyşym.
— Çaýyň gaýnag suwdur, oň zyýany bolmaz. Hany gowja ýadyňa sal, ondan öň näme iýdiň?
— Ol düýn Gadyr çopanlaň sadakasyndan geldi. Gelibem bir käse ajy gök çaý ber diýdi. — Sadap bir-ä adamsynyň ýüzüne garady, birem tebibiň. — Onsoň çaý içibem ýorgana bürenip ýatdy. Ýarygijeler töweregi gaýtaryp başlady. Ir bilenem “Endamym gijeýär, gaşap ber” diýdi.
— Sadap dogry aýdýar, düýnden bäri ugrum-a ýok.
— Be, geň görmeli. Sen o ýerde ilden üýtgeşik näme iýdiň?
— Dograma. Özem süp-süýjem bişen eken. Bu golaýda dograma iýmämsoň. Özümem açlygyma baramsoň, oňatja iýipdirinem. Ony diýseň meň tabagymdan ferma müdirem iýdi. Ol-a ýaňam atyň üstündedi.
— Ýok-la, nahara at dakmak bolmaz. Ondan ulus-il iýdi, menem iýdim. Ýöne her niçigem bolsa, ýakmasyz bir zad-a iýipsiň. — Ol Kömege süýjüli çaý içirip gördi. Birsellem garaşdy. Kömek bada-bat gaýtardy. Tebip süýde tutdurdy. Birki kürüşge süýdi zor edip içirtdi. Şondan soň Kömek aýakýoluna gatnady. Her gezek gelende, tebip oňa ýaňadan süýt içirdi.
— Iç oglum, iç. Seni diňe süýt açar, gusup bilseň-ä hasam gowy, gusdugyňça ýeňlärsiň.
Kömek bu gezek turmaga-da ýetişmedi. Ögedi-ögedi-de gaýtaran ýerem keçäň üsti boldy. Tebipde ikirjiňlenere zat galmady. Ol Kömegiň gusugyny çöpjagazyň ujy bilen dörjeşdirip gördi. Indi bar zat oňa aýan boldy. Ýöne syr bildirmedi.
— Oglum, indi birmeýdan ýatypjyk dynjyňy al. Turansoňam ine şulardan çaý demlenip içersiň. — Tebip Sadabyň eline owuntyk çöpjagazlar tutdurdy-da, ýerinden turmak bilen boldy.
— Taňry ýalkasyn mama jan. Ertire ölmän çyksam, gapyňda bir toklyny daňyp gaýdaryn.
— Enşalla gutularsyň. Eýýäm gutuldyňam. Wagtynda çagyraýypsyňyz, bolmasa bu seni heläk ederdi. Hany endamyňy

göreýin.
Kömek köýnegini galdyrdy. Başky örgün ýom-ýok bolupdy. Muňa tebibem, Sadabam begendi, Kömegiň özi-de ýylgyrdy.

x x x

Tebip mama öýüne gelensoňam içini gepledip kän oturdy. “Tas adam ganyna galan ekenim. Hakyt ol meniň taýynlan syçan dermanymdan zäherlenipdir”.
Ol Solmazlara ugrady. Ilkä ondan-mundan gürrüň etdi, soňam gürrüňiniň hörpüni üýtgetdi.
– Hany, onsoň syçanlaň gyryldymy?
– Wiý, mama jan, men ony heniz ellämogam. Düýn-ä sadaka berdik, özüň bilýänsiň. Elim degmedi.
– Hany onda, getir bir göreýin, reňki-peňki üýtgäpmi-ýokmy?
Solmazyň ýüzi gyzarjak ýaly etdi, onda-da:
– Häzir getireýin – diyip, içerik okduryldy, dem salymda-da dolanyp geldi. – Neme, mama jan, goýan ýerimden tapmadym welin, Gadyr başga bir ýerde bukup goýan bolaýmasa?
– Hmm… zyýany ýok, şony biläýeýin diýdim. – Tebip taýagyny tyrkyldatdy-da, derwezä bakan ýöneldi. Solmaz onuň yzyndan ýetdi.
– Mama jan, Gadyrdan soraşjak bolubam durma, ol bihabardyram…
–Sen-ä gyz oňaraýdyň muny. Men ony Gadyrdan däl, senden soradym. Onsoňam, ony elýeter ýerde goýmagyn diýip sargapdym. Ot bilen oýun etmezler.
Tebip soňam nämedir bir zatlary pyşyrdap gitdi. Haýp, o sözler Solmazyň gulagynyň ýele ýanyndanam geçmedi.

x x x

Şol wakadan dört-bäş gün geçensoň Solmaz ýene-de tebibiňkä ugrady. Ol ýolboýy Atalygyň özi bilen eden gürrüňini ýatlady: “Ýagşam bir iş oňardyň-ow – diýip, Atalyk gele-gelmäne Solmazyň üstüne çöwjedi. – Iş oňarmajagyňy bilipjik durdumamla”. “Atalyk, şi gezegem oňarmasam men Solmaz han bolmadygym. Belki ol dermanyň adama täsiri ýokdur”. “Görübereris, sen maňa agşam garaşgyn…”

–Hä, Solmaz gelin geleweri, men seň geljegiňi bilipjik durun–diýip, tebip ony ýylgyryp garşylady.
– Nädip bildiňiz? Mama jan, ýa siziň bilgiçlikdenem başyňyz çykýamy?
– Seň derdiň köre-hasa, oňa bilgiç hökman däl, seniň syçanlaň ölen däldir.
– Wah, mama jan, siz ony nädip bildiňiz, ýekejesem ölmändir.
– Onuň sebäbi bar. Şo gezek men saňa syçan dermanyna derek bütinleý başga zat berip goýberipdirin. Ol, elbetde, öldüren däldir.
– Şeýledirem öýtdümle.
– Bu gezek men saňa hakyt syçanlary gyrgyna salýan derman bereýin. Ony çaýa goş, suwa goş, parhy ýok. Ysgadygy tükgermek bilen bolar. – Tebip bu gezek mekirlik etdi. Solmaza erkeklerde yşk hesretine aşa hyjuw döredýän derman berdi.
Solmaz dermany Atalygyň özüne elin gowşurmaga ugrady.

x x x

Kömek fermaň hasabatyny tabşyryp gaýdanda, Atalygyň bir käse çaýyny içdi. Ol bu ýerde kän eglenmedi, göni öýüne gaýtdy. Ol gelende sadap howluda kir ýuwup oturan eken.
– Sadap, Sadabym, hany içerik gireli. Maňa-ha bir zat bolýa.
– Ýene Solmazyň dogramasyny iýdiňmi?
– Ýok, iýen zadym ýok. Men neme… çydamok. Neme, bol bahym…
– Wiý, bi oglany, hakyt gündiziň günortanymy?
– Meniň çynym, men ölüp barýan ýaly.
– Weý,weý, ine girdim, oň üçin bir ölme.
Är-aýal şol girişlerine tä iňrik garalýança çykmadylar. Daýhan bilen Gözel bireýýäm uka gidipdi. Kömek zordan pyşyrdady:
– Ezizm, sen meni bagyşla, beýle zat mende hiç mahal bolmandy. Seni horlabildim. Dogrudanam maňa–ha bir zat, bir zatlar boldy. Soňy gowy bolsun-da hernä. Bar içenim Atalygyň bir käse çaýy boldy.
– Çaýy başyny iýsin şol ýerçekeniň. Ol oňa hökman bir zatlar goşandyr. Ýeri, saňa öýüňde çaý-çörek beren bolmadymy? Öňki gezek Solmazlardan bir dert tapyp geldiň, bu gezek oň ülpeti

Atalykdan.
– Eger-de sen öýde bolmadyk bolsadyň, belki men ölsemem olerdim. Sen meniň halasgärim…
– Her ýeteniň çaýyny içip ýörseň, bolaýjagyň şudur.
– Gaýdyp içmejek borun keýwany, ýöne…
– Ýönäň näme?
– Gaýrat et, şu gezegem, belki soň köşeşerin.
– Eý, toba, tagsyr. – Sadap ýakasyny tutup tüýkürdi. – Adam ölmese her haýsyny görjek ekeni-dä! On sekiziňdäki jahyllygyň kyrkdan soň dolanyp ýören bolaýmasyn. Bir däl, iki däl… Men-ä bez boldum. Ýeri, bu gün saňa ne döw çaldy?
Olar tirkeşip öýe girdiler.

3.

Kömegiň elinden dür dökülýändigini her kes dile alardy. Ol dile almazça-da däldi. Fermanyň hasap-hesip işinden başga, birgiden hojalyk işlerini-de alyp barýardy, daýhançylyk bilenem meşgullanýardy. Melleginde adyny tutan ekiniň bardy. Injir, nar, üzüm, şetdaly, ýeralma, kädi, käşir, şugundyr, gawun-garpyz, soňy bilen-ä kömelekdir limon ýetişdirmegiňem abyny-tabyny ele alypdy. Onsoň o zatlaryň hyrydaram köpeldi. “Kömegiň kömeleklerini iýseň-ä asyl ol etsiredenogam” diýýärdiler. Birneme der döküp işleseň, ol ekinleriň ikisem girdeýjilidi. Aslynda Kömek ekini satmak üçin däl-de, öz hojalygy üçin ekerdi, özünden artygynam goňşy-golama, çagalara paýlardy.
-Eje, men ajykýan – diýdi-de, Daýhan ojagyň başynda biş-düş bilen gümra bolup ýören ejesiniň ýanyna geldi.
– Nahar taýyn, eliňi ýuwdyňmy?
– Hawa, ýok.
– Ýok bolsa bar ýuwun. Ýalta bolmazlar guzym. Nahardan öň hem soň eliňi ýuwsaň öýüňe bereket ýagarmýsýn.
Daýhan eline tüňçe alyp ýuwunmaga durdy. Şol pille-de Kömek melleginden geldi. Ol her gezek dynç gününde melleginde işlardi. Mellekde bolsa näçe diýseň iş bardy.
– Daýhan jan, oglum, bar indi kakaň eline-de suw akyt.

Naharyňyzy guýdum.
Daýhan suwly tüňçäni alyp kakasynyň köýnegi tirsegine çenli çermelen ellerine suwy dynuwsyz akdyryp başlady.
– Ýuwaş-ýuwaş, howlukma. Az-azdan guý. Adamyň eline suw akdyrylanda, hergiz ýadyňda bolsun, suwuň arasyny kesmän akdyrylýan däldir.
– Gutarsa ýene dolduraýaryn.
– Gep onda däl. Diňe öli ýuwlanda, suwuň arasy kesilmän akdyrylýandyr.
– Men-ä ony bilemok.
– Ony-ha menem bilemokdym kakasy.
– Bilmeseňiz bilip goýuň. – Kömek saçagyň başyna geçip jaýlaşykly oturdy.
Ol özüniň boş wagtynyň bir bölegini howludaky köne ussahanasynda geçirerdi, daýysynyň oturan oturgyjynda oturyp, onuň işleden çekijini ele alardy. Orak, kätmen, pil ýasardy. Soňy bilen bu käri alty ýaşlyja Daýhanjyga-da öwredip başlady. Daýhan zehinlidi, bir görenini alýardy. «Çynymy etsem, kakamyň ýasan zatlarynam ýasaryn» diýýärdi.
O gezeg-ä goňşylaň döwlen açarynam ýasap beripdi. «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýip, kakasy Daýhanjygyň gulagyna guýýardy. Daýhanyň özünde-de bu hünäre bolan yhlas uludy. Ol kakasynyň ýanyndan aýrylmazdy. Ilki-ilkiler-ä onuň otur-turuna ýarady, soňy bilen onuň ähli sargan ýumuşlaryny etdi. Onuň çekiç tutuşy turuwbaşdan Kömege ýarapdy. Şoň üçin «oglum, sen meň şägirdim bol-da işläber» diyip, ussahanada bar bolan senedi oňa ynanypdy. Onsoň Daýhan mekdebe gatnap başlanda-da, ikinjä-üçünjä geçende-de mekdepden geldigi çalak-çulak garbanardy-da ussahana eňerdi. Ol bu gezegem şeýle etdi.
– Kaka, armaweri?! – diýip, ussahana giren dessine gygyryp gepledi.
– Hä, Daýhan jan, geldiňmi, oglum, bar bol, näçelik aldyň? Ikilikmi-üçlük? – diýip, wäşilige saldy.
– Bäşlik.
– Tüweleme.
– A sen näçelik aldyň kaka, birlikmi, ikilik?
– Menmi, men-ä şu gün üç sanyja kepgir taýýn etdim. Bahany şol

kepgirleň eýeleri bermeli.
— Hany olar nirede? Bahany menem berip bilýän-ä.
— Aý, ýog-a? Hanha, üçüsem bir ýerdedir.
Daýhan kepgirleriň birini eline alyp, birini goýdy. Onuň agyz tarapyny elleşdirip gördi, sapyny sypady.
— Bäşlik berýän. Indi seň iki bäşligiň meňkiden köp bolýa.
Kömek myssa ýylgyrdy. Ol ýadow dyzlarynyň epimini ýazdy, başyndaky akja ýaglygy açyp, ýüzüniň, boýnunyň derini syldy.
— Körügi men özüm köreklärin, sen meň ornuma geç.
Daýhan edil düýnküsi ýaly kakasynyň ýerine höwesli geçdi. Soňam jaýlaşykly oturansoň, «hany näme işiň bar?» diýen manyda kakasynyň ýüzüne seredip, häzirlenip oturdy.
— Oglum, biz şu günden başlap, kolhozyň juda kyn ýumşuny ýerine ýetirmeli.
— O nämänin ýumşy, kaka?
— Häzir men saňa baryny gürrüň bereýin. Öten agşam meni oba arçyny ýanyna çagyrdy. Kömürem, demirem näçe diýseň bereýin diýdi. Ol bize asma gulplaryny ýasamagy tabşyrdy. Gaýraky obaly Metjit ussa eýýämden ýasap başlapdyr eken. Ine, menem şoň ýanyna baryp gaýdyşym. Birini alyp gaýtdym. Torbadadyr, bar getir.
Daýhanyň ýerinden towsup turşy oturyşy bilen des-deň boldy. Ol birenaýyja edilip ýasalan gulp bilen açarlaryny synlap kän oturdy. Soňam ony açar bilen towlaşdyryp gördi. Ýaý şekilli ýasalan bu gulp göräýmäge sadajady, gurluşy welin çylşyrymlydy.
— Oglum, biz bu işe şu günüň özünde girişmeli borus. Gerek bolsa gijelerine-de işläris. — Kömek ýaglygy bilen ýene bir öwre ýüz-gözüni syldy. Soňam ony birki gaýta orady-da, başyna daňdy.
— Men näme etmeli borun, kaka?
— Senmi, saňa-da iş tapylar. Sen häzir ody körükläber bakaly. Häzir men gulpuňam, açaryňam galypyny ýasaýyn. Onsoň demir geregiçe gyzdyrylsa, ondan näme ýasaýyn diýseňem ýasasa bolar…
Daýhan ikinji klasda-da tä okuw ýyly tamamlanýança kakasynyň ýanynda işledi. Indi olaryň bileleşip ýasan gulplarydyr kätmenlerini, pilleridir oraklaryny her bir hojalykda görmek

bolýardy.
Kömek kespi-käriniň ýitip gitmejegine begenýärdi. Islän zady ýasamagyň hötdesinden gelýärdi. Ýogsam kärem dowam etdirilmese, öz-özünden ýitip gidýärdi. Ony Goçan atly bir gojanyň durmuşyndan bilýärdi. Ol goňşy, Gargyly obasynda ýaşaýardy. Kömegiň göwnüne o gojanyň “Kime sebet gerek”? diýip, oba arasynda aýlanyp ýörenem ýaňy-ýaňylar ýalydy. Göze Arzylyja edilip örülen o sebetler geçginlidi, her gezek gelende, oňa ýene-de telim adam sargap goýbererdi. Adamlar sebet bilen eşekli melleklerine ders-dökün daşardylar. Indi welin Goçan aganyň özem bi dünýede ýok, sebedem örülenok. Ýogsam obalarda söwütden kän zat ýok. Garrylaň arasynda-da iki-ýeke örüp bilýäni barmyşyn diýýäler. Şonda-da dersi haltalarda daşan bolup ýörler.
Kömek aram-aram oturyp, ýitip giden kärler hakynda oýlanýardy.

4.

Her döwür, bir döwür diýleni. Asyl otuz ýedinji ýyl adamlary guduz it dişlän ýaly edäýdi. Birentekler çyna berimsiz ýalan zözlemänem, şugulçylyk etmänem, ýeňsäňden satyp goýbermänem hiç zatça bilmediler. Olaryň arasynda kim öňürtmeşek diýen ýaly yglan edilmedik bäsleşik guralana dönüpdi. Kim öň ýerinden gozganyp ýetişse, şolam bir bendäniň öýüne gan caýkaýardy.
Soňy bilen-ä obaň erkekdirin diýip başyna telpek geýýänem seýrekläberipdi. Obaň bir gojasy zeýrenýärdi: «Bi hököwmediň ugruna-ýönüne düşüner ýäly bolmady, asyl erkek göbeklimiz tükenibem barýar. Görüp otursak, kolhoz guranlaram, Sowet döwletiniň düýbüni tutanlaram kileň «halk duşmany» bolýämyşyn. Meň ogullaryma çenli ýygnaldy. Ýeri, olar näme iş edipmişin, ikisem heniz agzyndan süýdüň ysy gitmedik çagalar ahyryn» diýip, olaryň tutulmagyna sebäp bolan kişilere otursa-tursa nälet okaýardy.
Är-ayal düşege geçensoňam esli wagtlap gürleşip oturdylar. Kömek gürrüňiniň bir ýerinde:
– Şü Atalygyňam päli azyp ýörmükän diýýän – diýdi-de sakyndy.

Aýalynyň Atalyk hakynda söz açanda, ýüzi saldar alyp gitdi. «O deýus menden öňürdäýdimikän?! Eger şeýle bolsa…» Sadap içini gepledip oturmaly bolmady. Kömegiň gürrüňi düýbünden başga zat hakda bolup çykdy.

– Walla, çynym, gözi gyzarypdyr oň. Öňňinki sil gelende ýigrim dokuz öküzimiz dereksiz ýitdi diýip dur. Şonça malyň ýitenine Gadyr çopanam güwä geçýämişin. Ýo-ok, bu ýerde bir syrjagaz-a bar. Näme diýseňem bu işde Atalygyň özüniň eli bolmaly. Meniň-ä oturyp-oturyp, ýüregim howpurgaberýä.

– Oň üçin bir özüňi horlap oturmazlar. Asyl işiňem bolmasyn şolar bilen.

– Bu nähili gep boldy Sadap? O näme üçin o zatlar bilen meň işim bolmaly dälmişin? Fermaň baş buhgalteri men-ä. Ahyrynda bu zatlara menem şolar bilen des-deň jogap bermeli borun-a. Aktlaşdyragada gol goýaýmak diýmek dilde aňsat.

– Nätseler şony etsinlerle, saňa azar bermeseler bolýar. Meň üçin-ä goşulmasaň gowy ýaly. Rast özleri edýämi, özlerem jogap bermeli bolarlar.

Kömek Atalyk bilen gündizki gürrüňini ýatlady: »Atalyk aga, biziň gözümiz bilen gören maslyklarymyz bary-ýogy üç sanyjak. Bizem şunça öküz ýitdi diýip akt düzsek, oňa kim ynanar? Biziň ogra şärik boldugymyz bolmazmy?». »O nämäniň ogrusy? Kim ol mal ogurlan? Eger bilýän bolsaň aýt, eşideli? – Atalyk muňa ör-gökden geldi. – Näme, indi men saňa şonça sany göge seredip ýaz diýýänmi? Iki-üç öwre sanadyk. Bardany özüňem sanap göräý. Gaýta ejizjeleri suwa akyp gitmändirlerde, ne bir göze gornüp duranjalary ýok. Ýigrim dokuz öküz-how. Onsoňam şonça öküziň suwa akyp gidenini gözi bilen gördüm diýýän adam barka, biziň bu ýerde köwahada agram salyp durmagymyz biderek. Seň wezipäň başlygyň buýrugyny berjaý etmek. Tebigy hadysanyň kolhoza ýetiren umumy çykdaýjysyny hasap-hesip etmek, ine, seň etmeli işiň. Şu ferma başlykkam mallaň garamatyny men çekmeli borun. Rast suwa akypmy, akypdyr. Islesek-islmesek, biz olary aktlaşdyraýmaly, sen şoňa düşün, Üçüsiniň maslygynyň tapylany dogry. Men oňy inkär edemok, oňa söz ýok. Galanlaram gözlenilip ýör-ä. Onsoňam sil suwy ol janawarlary onlarça kilometr uzaklyga äkidip, dyr-pytrak edendir. Maslykdan derek

galjakmy onsoň. Hernä adam zaýaçylygy ýok. Sen şoňa şükür et! Ýogsa, şo mahal çaga-çuga-da, garry-gurty-da obada eken. Ana, sen şoňa begen. Ýene-de bir zady bek belle. Kim malsyz galsa-da , kolhoz malsyz galmaz. Ýene edineris. Äşlynda türkmen mal ölse, beýle bir gynanybam ýören daldir. Allatagala ilki bilen ölümi malyňa salarmyşyn. Eger-de ölen malyňa gynanjagyňy bilse, onda ony özüňe salarmyşyn. Şoň üçin-de türkmen maly ölse «Başa gelenini sowsun!» diýýändir.»
Kömek şunça gürrüňe goşuljak bolsa-da bolmady. Atalygyň bir özi gepledi. Kömek maýyny tapyp janykdy. «Atalyk aga, o diýýäniňiz dogry. Ýöne beýdibersek höküwmedem bardyr diýjek bolýan. Asyl olara «başa gelenini sowsun!» diýdiräýmäň». «Ýak, walla, senem halys güň-ow. Höküwmet diýýäniňem sen bilen mendirin-dä! Barlaga geljeklerem başa düşmeli bor-a. Şonça malyň ýiterde, men nä öz jübimden goýmalymy olaň bahasyny? Eýse, bu ýitgini men tölemelimi? Ýazaly, golam goýaly, wessalam. Soň ýene näçesi tapylsa, üýşüpjik akty täzeläýmeli borus. Häzirlikçe ýigrim dokuz diýip ýäz». «Belki…». «Men onuňam gamyny iýdim. Belki başga hojalyklaň malyna goşulandyr diýjeksiň. Olam bolup biler. Ýöne meň adamlarym daga-düze aýlandylar. Nädeýin, ählijesem boş gaýdyp geldiler». «Diýseňem, Atalyk aga, biziň bu işimiz çig, gümürtik bolýär». «Eýse, seň pikiriňçe nätmeli?» . «Meň pikirimçe, eger meň pikirimi sorasaň, ur-tut milisiýa habar etmeli. Agtarmaga-tapmaga olarda ukybam bar, güýjem. Suwda gidenem bolsa, goý olaň özi çözsün. Onsoňam kolhoz başlygynyň pikirinem bilmeli…». «Mätnyýaz agaňam pikiri şeýle. Dogry, olam biziň her birimizçe gynanýar. Ýöne, näme, olam «boljak işe çäre ýok, aktlaşdyryň, ýokardan barlag dökülýänça gamyny ediň!» diýýär. A milisiýa diýýäniň welin olar hiç, geler durar. Onsoňam, Kömek, sen kommunist bolmanyň bilen akgaňlar kommunist. Mätnyýaz agaňam, Gadyr çopanyňam kommunist ahyryn. Kommunist bolup, seniň getirjek gök papaklyňa-da öz diýenimizi etdirip bilmesek, kommunist diýen ada mynasyp bolmadygymyz bolmazmy? Bar, bar, şu günden gijä goýman, her öküze ortaça bäş müň manat baha kes-de, şonça pulam kolhozyň üžtünden aýyr. Hawa, hawa, aýyr. Ikimiz gol goýsak bolany, kolhoz başlygam

tassyklar, gürrüň gutardy. Şondan soň biziň towugymyza tok diýjek tapylmaz. Sen aýdylanyny et…”

– Kömek, sen nä dymdyň? Nämäň pikirine çümdüň? – Sadap adamsynyň ýüzüne çiňerildi. – Bolmasa diýenleri bilen boluberseň nädýä, oglan. Ýogsam Atalyk bilen işleşmek kyn düşer saňa, her gün ýüzi-ýüziňe düşüp dur-a.

– Wah, senem Sadabym, juda sada bolýaň. Ol şu elpe-şelpelikden peýdalanjak bolýa. Men onuň etmekçi bolýan işlerine belet. Öküzleri ýoklanam, şu günki mallaň samanyny otlanam şuň özünden başga hiç kim däldir. Ýöne näme, gözüň bilen görüp, eliň bilen tutmasaň, belli bir zat aýdyp bolýamy? Munuň ülpetem kän, raýkomda-da öz adamy otyrmyşyn.

– Kolhoz başlygam şunuň bir ülpeti bolaýmasa?

– Olar-a owaldan garyndaş. Aktlaşdyr diýip, gyssap oturanam şolmuşyn, barybir, men ony ertir görerin. Gadyr çopanam olaň toruna çolaşan bolmaly. Ýogsam uly iliň görmedik zadyny diňe şol göräýmeli? Aý, onuňam düzüwli bir gepi ýok. Bir görseň-ä ylaýyjak ýigrim dokuzyny gördüm diýip otyr, bir görseňem ýigrimi töweregi bardy diýýä. Nädersiň şu mahal baragada ýüzüne tüpeň çeneseň, hakykatyny saýraberse. Hany beýtjek adam barmy? Atalyk deýýusyň öz eli, öz ýakasy. Hakyt siýdigi degirmen aýlaýa diýilýän zaňňarlardan boldy. Bu mahal oň diýeni bolýa, diýeni. Gadyr çopana-da «sen şaýat bol!» diýip, oňa-da bir zatlar somlan bolmaly. Hawa, hawa, ol şoň üçin Atalygyň bähbidini araýandyr. Şonça maly öňüne sürüp, kimdir birine elinje gowşuryp gaýdan diýerler.

Aý, onsoňam, il arasynda ýakymsyz gürrüňlerem kän. Atalyk Gadyr çopanyň aýaly bilen dostlaşanmyşyn. Gaýraky Gülendam söwdagäre-hä onuň hakyky nikasyndamyşynam diýýärler. Aşgabada-da şoň bilen gidýämişin, kurortlara-da.

– Bilmedik-dä. Olardan ýaňa ile gün-ä ýok. Seýitguly Hallyň, Gara Ýanaryň, Meret Küläň, Aman Temmimiň tutulmagynda-da kolhoz başlygynyň biligi barmyşyn diýýärler. Indi o bendeleň maşgalalaryny iň bir sowuk ýurda sürgün etjeklermişin diýip Gülendam söwdagär-ä bir gürrüňem tapypdyr. Hudaý jan, gowusyny etsin-dä! Gargyşam siňenok şolar ýalaga.

– Atalyk permeden-ä bäş wagt namazdan öňňe zat çykar. Kolhozda

başga bir iş tapyljagyny bilsem, işden çykyp oturybersemmikäm diýýän.
—Men seň üçin nirede ýaşap, nirede näme bolup işlemelem bolsa taýyn. — Ol birsellem adamsynyň döşüni owkalaşdyrdy-da, mylaýym gürledi. — Kömek şu gün biziň durmuşymyzda aýratyn bir ýatda galan gün bolmaly. Çak edýäňmi?
— Ýok, o nämäň güni?
— Şu gün laýyjak on üç ýyl mundan owal ikimiziň durmuş toýumyz tutulypdy.
— Baý-baý-ow, näme üçin öň aýtmadyň? Ony-ha bellemesek bolmaz. Müň dokuz ýüz ýigrim bäşinji ýylyň dördünji iýuly. Hawa-da, wagt diýeniň suw ýaly akyp dur. Daýhan janam on iki ýaşady.
— Hany onda nädeli diýsene.
— Ýeri, nädeli?
— Gije birçen bolupdyr. Çyrany söndür, birsellem gaýgy-gamy unudaly-da nesip etdiginden ýataly.
— Ýatsaň ýataýaly. Ertirem ir turmalydyr. — Sadap ýerinden turup çyranyň peltesini aşak etdi. Içerdäkiler çala saýgartdy.
— Sadap, sen maňa aýt, on üç ýyl mundan owal, şol agşam şu içerde nämeler bolupdy?
— Baý, bi oglanyň bolşuny.
— Meniň çynym, nädip ýatypdyk?
— Meň-ä ýadymda däl. — Sadap gülümsiredi.
— Şeý diý-ä. Ýadyňa düşenokmy? Ony men häzir seň ýadyňa salaýaryn. Ýöne, o mahal senem, menem gaty tolgunypdyk. Şeýle gerek? Dogrusy utanjaňlykdanmy, çekinjeňlikdenmi… öz-ä birhili-birhilidik. Şeýle gerek?
— Sen-ä bilmedim welin, meniň-ä ýüregim agzymdan çykara gelipdi. Ylla öňümde dag duran ýalydy.
— Soňundan…
Sadap geplemedi, uýalyp oturdy. Kömek ony özüne dartyp aldy.
— Soňundan hemme zat bolmalysy ýaly boldy dälmi? Asyl ol lezzetden basga zat däl eken-ä. — Ol çakyr sesi bilen birgeňsi lakyr-lakyr edip güldi.
— Goýsana, oglan.
— Şoň üçin-dä küşt depýänleň “Öýlenmedik ýigitler armandadyr-armanda” diýip aýdyma zowladyp ýörenleri. — Kömek şondan soň

Sadaby götergiläp düşege geçirdi. Soňam: – Agram-zillet galmandyr munda – diýip, ony gysmyljyrap öz gününe goýmady. Sypap-sermeläp çykdy.
Sadap adaja dillendi:
– Oglan, beýtmesene. Heniz çagalaram ýatan däldir. Bolmasa sen ýatyber. Birsalymdan özüm oýaryn.
– Ýok, gülüm, sen maňa häzir gerek. Biz olar duýmaz ýaly, ýuwaşlyk bilen…
Sadaba soň gepläre maý bolmady. Adamsynyň gujurly gollary ony sypdyrarly däldi.
Yşygy barha peselýän çyra bolsa bu mahal öçsem-öçsem diýýärdi.

x x x

Kömek bolan iş hakynda oýlanyp kän gezdi. Hiç yş tapmady. Ol gijelerine töwerek-daşy garawullap gördi, eger-eger aňan zady bolmady. “Ýeri, şonçä mal nirä gürüm-jürüm bolup biler? Olar birçak uzak ýerlere sürüp äkidilendir. Bu ferma müdiriniň işi bolmaly…”
Şol günler bütin obada bolşy ýaly, olaryň öýlerinde-de ýitirim bolan mallaryň gürrüňi edildi.
– Men Mätnyýaz başlyk bilenem aýratyn oturyp gürleşdim–diýip, Kömek aýalyna janygyp gürrüň berýärdi. – Oba aksakallaryna-da sala saldym. Bu pikirimi raýon wekiline-de aýtdym. Aýtdym, aýtman näme? Meň syrtymyň gowşak ýeri barmy? Ýöne, bilmedim-dä, olaryň barynyň aýdýany şol bir gep. Göwnüme bolmasa, olaň bary dilleşen ýaly. “Sen näme oda-köze düşüp ýörsüň, ýolbaşçylara garşy gidip görjegiň näme?” diýýärler. Hawa, hawa, Atalyk perme-hä üstüme-de çöwjedi. “Sen nä meň akt ýazaly diýýän sözümi raýon wekiliniň ýanynda aýdypsyň. Birdenkä öz gazan çukuryňa özüň düşäýmegin “ diýdi. Menem ondan kem oturmadym. “Atalyk, men-ä bolan işi bolşy ýaly edip aýtdym, gaty görseň asman paýyňy çek” diýdim.
– O näme diýdi? – Sadap adamsynyň düşen halyna gyýyldy.
– Aý, näme diýer öýdýäň?! Burnuna saldy-da: ” Onçasyny görüberýäs” diýdi.
– Oňarmansyň. Gyzmalyk etmeli däl ekeniň. O deýusdan herki

zada garaşaýmalydyr.
— Eýsem, meň etmişim näme? Döwletiň malyny satyp, oň pulunam kiselerine ursalar, oňa-da şaýat bolda gol çek diýseler, eýse men nätmeli? Men şoňa gol çekmänligim üçin günäkärmi? Hany sowet höküwmedinde adalat? Hany kanun?
— Kömek, her niçigem bolsa sen sowukganlyrak bol. Sen ýekesiň, a olar bolsa köplükdir. Ýekäniň çany çykmaz.
Kömek öz gezeginde geplemelidi. Ýöne gözlerini bir nokada dikip oturyşyna uzak dymdy. “Ýekäniň çaňy çykmaz” diýdimi? Megerem, bu söz her haçanam bolsa, bir wagtlar meň günüme düşen adama aýdylandyr”.
— Ho-ol gün birine näme diýýär diýsene, Sadap?!
— Kim ol, oglan?
— Şü Atalyk-la. “Men bilen elleşen adamyň armany ýok, asyl olar üç günläp elini ýuwanoklar” diýýä. Bi welezyna bolsa meniň bilen elleşensoň, yzýany baragada, sabyn bilen elini ýuwýamyşyn diýýä. Şeýdip ol hakyt bir çopana käýýäp oturan eken. Ol indi özüni han-beglere meňzedýä. A-how, aňryň görnüp durka, o zeýilli gürlemek nämäňe derkar?
Şol günüň ertesi Kömek ýene-de ferma müdiriniň huzuryna bardy. Atalyk Kömegi hoşgylawlyk bilen garşylady.
— Gel, gel Kömek, neneň ahwallar niçik? Ata-babalarymyz sil, ýel, ot belasyndan özüň gora diýip allatagalla ýalbarypdyrlar. Hernä adam zaýaçylygy ýok. Muň üçin her kim oňardygyndan hudaýoluna sadaka bermeli. Malyň ölenine gynanyp ýörmezler. Barybir, biz gol çekmesek,bir kolhoz başlygynyň elinden geljek zady ýok.
— Men-ä gol çekjek däl.
— Çekmeli-hä borsuň. Gadyr çopan…
— Han-ha Gadyr çopan, ynha-da sen. Meni bir ara goşmaň.
— Şeý diýsene. Ahyrky sözüňmi şü?
— Hawa.
— Bolýar, eger-de sen bu zatlary galplyk hasaplaýan bolsaň, öz işiň. — Atalyk hemişeki agraslygy bilen gepledi. — Biz onda bu bolan işi täzeden derňäris. Gerek bolsa merkezden sülçem çagyrarys. Jenaýatkäri tapyp, zyndana-da taşladarys. Ýöne men bir zada düşünemok, Kömek! Ynha sil geldi, soňam fermaň

samanyna ot düşdi. Eger-de gözüm bilen göremok, bilemok diýägede senem, menem, ýene birem ýüz towlasak, ahyrynda kim jogap bermeli bolar? Kolhoz başlygymy? Ýok, ol biziň ýakamyzdan tutar. Biz aktlaşdyramyzsoň, diňe şondan soň bu mesele kolhoz prawleniýesiniň umumy ýygnagynda garaljak. Herki zadyň öz düzgün-tertibi bar. Bu ýerde hiç kimiň bähbidine kowalaşylanok. Sen şoňa düşün.
— Atalyk aga, men seni agam ýaly sylaýanam, hormatam goýýan.Ýöne meniň başymy gowga sokman, haýyş edýän. Kim gol çekse çekibersin. Men oň bilenem işim ýok.
— Ýagşy, ýagşy… — Ol agzyny köpürjikletdi.
Kömek Atalygyň ýanyndan bulaşyk pikir bilen çykyp gitdi, Atalyk welin şondan soňam içini gepledip kän oturdy. “Be, munuň keçjaldygyny. Bahymrak gümüne ýanaýmasak, hezil berjek däl. Sadap periň gujagyna girmegiň ýekeje ýoly şudur. Her edip, hesip edip, şujagazy türmä basdyrmaly. Basdyrmak üçinem oňa haýsydyr bir günä ýöňkemeli. Günäni bolsa onuň ýüzüne durup aýtmagy başarýan adam tapmaly. Ýogsa-da… ýitirildi edilen mallary Kömegiň özi eltipjik şäherde satypdyr diýsek bolmazmyka? Bolar, bolman näme? Şeýtmäninem bir subut edip görsün. Onsoň Sadap peri bilen keýp çek, sapa çek”.
Atalyk başyny galdyranda, kellesi palak ýumurtga ýaly ses etdi.

x x x

Adamyň başynda näme barlygy bir hudaýa aýan diýleni. Hut düýnem Kömekleriň öýleri imi-salalykdy. Adamsynyň nähak töhmet bilen ýygnalar öýdüp Sadap kellä-de getirmändi. Bu hut şeýle-de boldy. Ýarygijeler töweregi öýlerine üç-dört pyýada geldi-de, döwletiň zadyny ogurlamakda aýyplanýandygy üçin Kömegiň elini arkasyna baglap, alyp gitdiler. Sadap uly ses edip aglady. Çagalaram yzanda-çuwan.
Agasynyň ýygnalandygyny eşiden Abdyllanyňam bir ýerde oturyp karary ýetmedi. Ol Sadap bilenem çalak-çulak gürleşdi.
— Hawa, Abdylla, basdylar. Ýeri, gol çek diýdilermi, çekip goýber-dä.Çekjek däl diýip, hötjetligine tutup dur. Indem

näme, işinem alla oňarsyn. Wah, olar bilen seň oýnuň deň gelmez diýib-ä gulagyny kamata getiripdimem welin… Ýaman ýerem “meni galp dokumende gol çekmämsoň ýygnaýaňyz” diýip, ses edip gitdi.
– Hany sen ony subut edip bir gör.Bilmersiň, ýöne allaň özi kömek etsin diýde goýaý. Häzir ýeňňe hemme ýerde tutha-tutluk. Özem kileň gidýänler bigünä adamlar. Rast agamy ýygnadylarmy, menem garaşybermelidirin.
– Sende nä günä bar?
– Eýse, agamda nä günä? Biriň ýygnalsaň yzy kesilmez. Baryňy ýygnarlar.
– Näme etsem diýýäň, Abdylla?
– Gaçmaly. Bi ýurtdan garany saýlamaly. Hawa, hawa, gaçan gutular, duran tutular.
– Seň, seň aýdýan zadyňy gulagyň eşidýämi? Agaň türmedekän…ony boşatmagyň
ugruna çykmaly halyňa, öz başyňy gutarjak bolýaňmy?
– Howlukmaly, howlukmak gerek gelneje… – Abdylla bu ýerden gitmek bilen boldy.

x x x

Atalyk Kömegiň bolýan jaýyna girende has-da gazaply göründi. Ol salam-häliksiz Kömegiň üstüne azgyryldy.
– Gördüňmi, kezzap, sen hököwmet bilen oýun edýäň. Asyl “ogry syrty gowşak” diýleni çyn boldy. Gol çekjek däl diýip aýak diräp oturmagyň özüne ýetik sebäbi-de bar eken. Sen züwwetdin ogry ekeniň. Indem syrtyňy dogry tut-da, göniňden gel, bolmasa bay seni horlarlar-a. halkyň ganym duşmany diýägede, gümüňi çekerler. Gözüňi Sibirde açarlar.
Kömekden ses-seda çykmady. Onuň dymyp durmagy Atalygyň jynyny atlandyrdy.
– It ogly, sen sebäpli kolhozymyz abraýdan düşdi. Sen sebäpli… – Ol şol gazaby bilen Kömegiň ýüzüne şarpyk çaldy. Kömek şonda-da çydady. Ýumruk degen yerini owkalaşdyrdy-da, jytyladyp gan gatyşykly tüýkürindi.
– Barybir seni gürlederler. Bol sen aýt, hälem bir pille,

öküzleri nirä ýokladyn? Araçäkden aşyrdyňmy, tirýege-beýlekä çalyşdyňmy? Ýa şähere gümlediňmi? Bir däl, ýigrim dokuz öküz-how. Bir günde şonça öküz gürüm-jürüm bolaýmalymy? Üstesine fermaň otunam otlamak. Bilinmez öýdensiň.
– Ýok, Atalyk eke, ol siziň öz işiňizdir, mallary satyp pul edinenem, sähel-mähel otlan bolup, mallaň samanyny goňşy kolhozlara satanam sensiň. Sen tetelli adamyň gaýtjak zady bolmaz. Enesine degmekdenem gaýtmaz.
– Aý, seň bir… – Atalygyň bu gezekki salan ýumrugy al-asmanda doňup galdy. Ony gaňryp alan Kömek:
– Bir gezek geçirdim, gaýdyp eliňi galdyrdygyň, walla eneňden dogmadyk ýaly ederin. – Ol şeýle diýdi-de, elini goýberdi.
Atalyk eliniň agyrýan ýerini owkalaşdyryp, Kömegiň ýüzüne hyýrsyz seretdi.
– "Doýranyn sakgalyna tüf" diýilýäni şüdür. Men seni, aýalyňy işe alyp, adam hataryna goşdum. Ýagşylygy bilmedik. Bolýa, göreli bakaly, kimiň döwi rüstem gelýä…

*dowamy bar* >> Romanlar